***Türkmen türgeni Baýramdurdy Nurmuhammedow Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Boks boýunça dünýä çempionatynda 71 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, bürünç medala mynasyp boldy. Halkara Boks assosiasiýasynyň (IBA) howandarlygynda guralan bu abraýly ýaryş dünýä boksunyň iň iri çäreleriniň biri bolup, oňa 109 ýurtdan 428 türgen gatnaşdy. Şolaryň arasynda Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň wekilleri hem ringe çykyp, ýurdumyzyň sport abraýyny goradylar.***

Baýramdurdynyň wekilçilik edýän agram derejesinde medallar ugrundaky göreşe 36 türgen goşuldy. Olaryň ählisi hem halkara giňişlikde tanalýan boksçulardyr. Ýeri gelende aýtsak, russiýaly boksçy kümüş medala mynasyp boldy. Bu agram derejesinde altyn medalyň eýesi gazagystanly Abylaýhan Žusupow boldy.

Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň dünýä çempionatyna üç türgen bilen gatnaşandygyny nygtamak gerek. Baýramdurdy Nurmuhammedow bilen birlikde, 60 kilograma çenli agram derejesinde Yhlas Gylyçjanow hem-de 92 kilograma çenli — aňrybaş agram derejesinde Döwlet Yslamow ringe çykdy.

Şeýlelikde, türkmen boksçusy taryhda ilkinji gezek dünýä çempionatynyň medalyna mynasyp boldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 20.12.2025